# Pynhan syr -3/ powestiň dowamy

Category: Detektiw proza,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Pynhan syr -3/ powestiň dowamy * * *

– Kemine köçesiniň ýedinji jaýy diýdiňizmi? – diýip, Ymamguly aga şol adresi ýene bir gezek gaýtalady. – Ýedinji jaý bolsa, onda ol täze sudýamyzyň jaýy bolmaly.
– Onda olam täze sudýamyzyň gelni bolaýjak-da, şeýlemi? – diýip, Şäherli tiziräk anyklamakçy boldy.
– Bilmedim-dä, şeýle bolaýmasa. Siz oňa ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmediňiz dälmi?
– Ýok-la, menem häzir şoňa şükür edip otyryn-da – diýip, kärdeşim uludan demini aldy. Men bolsa bu iki adamyň ikisiniň hem bolşuna geň galdym.
– Eger-de derňew üçin ähmiýeti bar bolsa, biz näme, sudýanyň aýaly bolany bilen, onuň adyny tutup bilmerismi?
Belli bir adama gönükdirilmän, deňşärik orta oklanan bu sowala halypanyň özi jogap bermäge oturdy.
– Sen, inim, bir zady bilip goý: siziň bu biljek bolup ýören zatlaryňyz edil şonuň ýaly ýerde, aýak üstünden anyklanylmaýar. “Gaş düzetjek bolup, göz çykaraýsaňyz nätjek?” Öýüne däl-de, iş ýerine baryp, agzyny ysgap görseňiz bilemok, ýöne şonda-da gaty seresap bolmaly. Gönüläp aýtsam, bir kişiniň maşgala ýagdaýyny anyklajak bolup, başga biriniň gününi bulaşdyraýmagyňyz mümkin.
Ymamguly aganyň okuwçy okadan ýaly, käte şeýdip akyl berýän gezekleri az bolmazdy. Ýöne onuň bu häsiýetine Şäherliniň kän bir pisindi oturmazdy. Şonuň üçin-de, ol halypanyň säginen ýerinde gürrüňini bölüp aldy:
– Ymamguly aga, oba uçastok inspektorlaryndan habar-hatyr bolmadymy?
– Ýok. Olardan kömek aňsat däldir-le. Häli birisi geldi, şol nomerli maşyny bazaryň ýanynda kän görýän diýip. Näme, bazara

maşynly barmaýan barmy? Awtpoinspektorlardanam heniz habar ýok. Şolar çynyny etse, bir iş çykaýmagy mümkin. Görmeli-dä. Men welin häki pikirden daşlaşyp bilemokdym. Amanşa bilen şo gelniň arasyndaky gatnaşygyň näjüredigi indi syr bolup galybirmikä ýa-da Şäherli bir alajyny edermikä?
Ymamguly Berdiýew ölçerip oturan pikirimi aňşyran ýaly, derrew bir ýerlere jaň edip, kimdir biri bilen gürleşmäge durdy. Köp eglenmän hem özüni gyzyklandyrýan meselä geçdi:
– Ýogsa-da, biziň täze sudýamyzyň gelni nirede işleýär-ä, habaryň barmy? Şeýlemi? Hä-ä, dogry. Ispolkomda instruktor diýsene. Tüweleme. Dogry-dogry. Aý ýok, iş bolup bir ullakan işem däl-le, bolýa, ýagşy, häzirlikçe sag bolmaşak.
– Ol trubkany ýerinde goýdy-da meniň ýüzüme çiňňerildi. Onuň häzirki garaýşynda “ynha, onuň kimdigini, nirede işleýänini-hä anyklap berdim, galanyny oňarsyňyz” diýen many bardy. Ýöne ol dil bilen düşündirenini kem görmedi:
– Ynha, indi, ýanyna, edara baryp, gürrüňiňizi öz ýanynda aýdyp bilersiňiz. Ýöne sypaýyçylygy elden bermäň. Hawa, adyny-da Mylaýym diýäýdi öýdýän.
– Mylaýym? – diýenimi duýman galypdyryn. Sesim çaslyrak çykan bolarly, Ymamguly aga geň galmak bilen ýüzüme seretdi:
– Hawa, m=Mylaýym, näme?
– Hiç-le, men ony tanaýan bolmaly. Ol bizden birki kurs ýokarda okapdy, indi ýadyma düşdi.
– Onda, diýmek, oňam seni tanaýan bolmagy mümkin-dä?
– Onçasyny biljek däl. Özüm-ä aşaky kurslarda okaýanlary kän tanap baramokdym, ilem şeýle bolmasa.
– Sen ony nähili tanaýaň? – diýip, bu gezek Şäherli anyklamaga durdy. – Ýöne student hökmündemi ýa-da…
Sözüni aýaklamansoň goýansoň, men onuň näme diýjek bolýanyna düşünmedim. Dogrusy, düşünjegem bolup durman, şo döwürde Mylaýym hakda eşiden zatlarymy aýdyp bermäge oturdym.
– Häzirem-ä hiç neneň däl welin, okaýan döwürlerinde-de ol gaty owadandy. Ýigit bary gözi kaklyşdygy, ikinji gezek hem gaňrylanyny kem görmezdi. Ýaşyryp nätjek, diňe studentleriň içinde däl, mugallymlaryň arasynda-da ýaňka gultunyp seredýän az däldi. Onsoň kimdigini-hä bilemok welin, şol mugallymlaryň

biri ony ýagşy kösäpdir. Şonuň üçin bolaýmasa, ol okuwyny eýgermän-ä gitmeli gyz däl, birdenkä durmuşa çykdy-da, okuwyny hem gaýybana geçirtdi. Garaz, eýdip-beýdip, okuwyny alyp çyksa-da, durmuşy welin ugruna bolmady. Soňra üç-dört çagaly bir ýigit maşgalasy bilen aýrylyşyp, oňa öýlendi. Köp wagt geçmänkä ýene aýrylyşdylar…

– Beh, tutuş taryhyna belet welin, senem-ä ondan gaty daşlaşmadyk ýaly-la? –diýip, Şäherli öz häsiýetine kybapdaş gürrüňini oklap galdy.

– Ýok, men-ä dogrusy, ol zatlary bilmelem däl welin, soňky öýlenen oglany tanaýan. Onuň biderek öňki durmuşyny bozany galdy.

– Diýmek, onda bu onuň üçünji adamsy bolaýjak-da? – diýip, halypa, hamala onuň üstüne söz aýdyjy iberjek ýaly, durmuş ýagdaýyny anyklamaga oturdy. Ýöne muňa derek Şäherli jogap gaýtardy.

– Hawa, özi-de uly hasap bilen.

Men onuň bu hasap ýöredişine düşünmedik hem bolsam, ony anyklajak hem bolup durmadym. Ymamguly aga welin bu gümürtikligi anyklamasa ynjalmady:

– Uly hasap diýeniň nähili bolýar?

– Uly hasap – uly hasap bor-da. Diňe resmi ýagdaýda durmuşa çykan sany. Ownuk-uşaklaryny biz bilemzog-a?

Halypa bu gürrüňe jogap hökmünde bir zatlar aýdaýjak, aýdaýjak boldy-da, ýene geplemedi. Oňa derek Şäherli öz “hasap ýöredişini” has çuňlaşdyryp gidiberdi:

– Ýogsa-da, Ymamguly aga, ýokary okuw jaýlarynda bilimem-ä berýäler welin, durmuş dersindenem sapak geçäýýärlermi?

– Sen näme, okamadyňmy?

– Okadym. Okamsoň aýdýan-da.

– Okan bolsaň, programma boýunça beýle zat geçilýän däldir-ä?

– Dogry, programma boýunça geçilenok, ýöne programmadan daşary geçileni näme, hasap dälmi?

– Beýle zatlary okuw jaýynyň boýnuna atjak bolup oturmagyň hajaty ýok. Ýöne käbir “süňňi haramylar” bar diýseň, ynha, ol başga gürrüň. Bu näme, adamynyň ynsabyna, wyždanyna bagly zatlar-da. Adamyň kalbynda gara niýet bar bolsa, ol ony okuw

jaýynda-da ýüze çykaryp biler, metjitde-de.
Äherli öz başlan gürrüňiniň beýle ýaýbaňlanyp gidibermegini islemedimi-nämemi, ony özüne jemlemekçi boldy.
– Her näme diýseňizem, dört-bäş ýyl okuwyň käbir maşgalanyň öýüni ýykýany-ha ýalan däl.
– Elbetde, suw meýilli bolsa, ýykylar – diýip, halypa esasy gürrüňinden daşlaşdyryp barýan bu meseläni jemledim etdi. Men sesimi çykarmasamam, öz ýanymdan onuň ýaňky aýdany bilen ylalaşmadym. Azanyň jyny düşmesin, bir jyny düşensoň, senden basym suw meýilli ýasarlar. Ýa-ha mugyra gelersiň, ýa-da okuwyňy taşlap gidersiň. Haýsy özüňe amatlydyr öýtseň saýlaý…Ymamguly aga ýaly tejribeli adamyň şu zatlardanam habary ýokmuka? Belki-de onuň okan döwründe beýle-beýle zatlar bolanam däldir?
– Hany, iş bilen bolalyň-da, bu zatlary ýygnag-a öwürdig-ä – diýip, Ymamguly aga bir ýerik hyýallanmadyk hem bolsa ýerinden turdy. Bu onuň diňe bir özüni däl, eýsem bizi hem tijedigi.
–Ýagşy, onda näme, Mylaýymyň ýanyna özüň gidýäňmi?
Ol hiç kimiň adyny tutmasa-da gürrüňiň ugrunyň nirä ugrukdyrylandygy düşnüklidi.
– Hawa –diýip, men hem ýerimden turdum.
– Onda bar gaýrat et. Ýöne ýene bir gezek tabşyrýan. Gaty seresap bolgun, soň üstüňden arza gelip ýörse, gykylyk ula gider.

* * *

Kabinetiň özi iki adamlyk hem bolsa, Mylaýymyň iş ýerinde ýeke özi oturan eken. Ynha bir hezillik. Näme gürrüňiň bolsa sora-da otur. Ýöne nämeden başlamaly? Başga wagt bolanda, belki, munça oýlanyşyp durulmasa-da durulmazdy. Ýöne halypanyň berk tabşyryp goýberenindenmi-nämemi, diňe başlajak gürrüňini däl, asla ähli sorajak zatlaryňy hem ýagşy oýlanyşmaly etdi. Her näme-de bolsa, uniwersitetda bir döwürräkde okanymyzy aýdyp, gürrüň şüweleňli gidiberjek ýaly göründi. Ýöne tersine boldy – salam-helikden sooň, ilkinji aýdan sözüm onuň myrryhyny atlandyraýdy gerek.
– Biler bolsaňyz, biz bir döwürräkde okadyk, siz-ä meň ýadyma

düşýäňiz.
– Şeý diýsene.
– Hawa, şeýle.
Ol meniň bu sözüme geň galjagynam bilmedi, güljeginem. Ýöne ýüzüme seretdi-seretdi-de:
– Näme, ýöriteläp şony aýtmaga geldiňizmi? – diýdi.
– Ýok, edil ol-a däl. Men milisiýadan, jenaýaty agtaryş bölüminiň operupolnomoçennysy Kuwwat Meredow. Sizden bir zat anyklamak gerek boldy.
– Anyklaberiň – diýip, ol öňündäki kagyzlaryny bir gapdala süýşürişdirdi-de, ýagşy ykjamlandy.
– Ýöne bilýän zadyňyzy anyk aýtmagyňyzy haýyş edýän.
– Näme, men ýalan sözleýämişim diýip eşitdiňizmi?
Özüň däl, adamyň sudýa bolanda-da birneme gylaw edinerlik bolýan bolarly. Muny gelniň ýaňkyja sözi hem tassyklap dur.
– Häzir, gürrüň siz hakda eşiden zatlarym dogrusynda däl-de, düýbünden başga zat barada barýar. – Soraşyna görä jogap berjek bolup, hatda biraz çenden hem geçiberenimi ýiti-ýiti seredensoň, duýup galdym. Seredibersin. Özüniň perişde däldiginden biziňem habarlydygymyzy goý, bilsin-dä. –Siz Amanşa Durdylyýewi tanaýaňyzmy?
– Tanaýan – diýip, ol soragy hiç bir täsirsiz kabul etdi. Ol ikimizi düýn giçlik öýe barýançak yzarlanyňyzam bilýän. Mundan başga-da, şeýtmäniň asyl biedeplikdiginem bilýän. Soragyňyz bolsa şeýdip göni geläýmel-ä.
Jedirdäýşini gör, şeýtana sapak berjek bu.
– Ynha, göni geldim. Siz ony tanaýaňyzmy?
– Soraga nähili düşünmeli?
– Soralyşy ýaly düşünmeli: siz ony gowy tanaýaňyzmy? Näçe wagt bäri tanaýaňyz? Nähili adam hökmünde tanaýaňyz?
– Ol meniň garyndaşym. Gowy garyndaş hökmünde hem tanaýan.
– Siz garyndaşdygyňyzy nähili subut edip biljek?
– Näme, ony subut etmek hökmanmy? Garyndaş bolsa garyndaş bor-da.
Garyndaş bolsaň-a ýagşy welin, haý, diýseňem-ä “Gurduň gudasy köp bolaýmasa” diýleni bolaýmasa. Müňkürlik gursun.
– Garyndaş bolsaňyz, onda has gowy. Onuň başyna düşen

hasratdan-a habarlysyňyz?
– Hawa.
– Biz häzir şol jenaýatyň ugrunda. Aýtmaklaryna görä, Amanşanyň bir gatnaşyk edýän aýaly bar bolarly – diýip, men gürrüňiň şu ýeriniň täsirini synlamak üçin oňa dykgat bilen seretdim. Onuň welin şo bir oturyşy, gürrüň bilen gobsundyrjak gümanyň ýok. – Biz şony anyklajak bolýas. Onuň öz-ä muny kes-kelläm boýun alanok. Ýöne eşidişime gör-ä, şeýle tanşynyň barlygy çyn. Esli ýyl bäri hem gatnaşýamyş. Özi-de o gelin maşgalaly çagaly-çugaly bolarly.
– Hawa, siz ony nätjeksiňiz?
– Sora-ideg etmesek…
– Size onuň ýaly aýaly sorag etmäge kim idin berýär?
Gör-le muny, özüni däl-de başga biriniň aladasyny edip ýör-ow bu. Ýa-da öz aladasymyka?
– Ýuwaş-ýuwaşdan sorag edýänçi siz bolaýjak öýdýän?! Adyny tutmaz ýaly, ol nähili beýle aýalmyş?
– Siz onuň durmuşyny bulaşdyraýmakdan ätiýaç edeňizokmy?
– Bäş-üç sany sorag bereniň bilen näme, adamyň güni bulaşybermelimişmi? Ynha, size-hä sorag berip otyrys welin, şundan soň günüňiz bulaşaýasy ýog-a?
– Men hasap däl. Hudaýa şükür, meň ýoldaşym düşünjeli, döwrebap adam. Ol düşüner, ýöne…
– Siz bu zatlary azar edinmäň. Biz gepi kän aýlap-öwräýýäs öýdýän, siz şeýle aýal barada bir zat bilýäňizmi ýa-da ýok?
– Ýok-la, toba, men nireden bileýin. Beýle zatlar barada garyndaş aralykda birek-birege zat aýdylasy ýok.
– Gelşiksizem bolsa, sizden ýene bir zat soraýyn: siziň näçe çagaňyz bar?
– Munyňyz soragmy ýa-da haýyş?
– Nähili düşünesiňiz gelse düşünäýiň?
– Men, elbetde, islesem bu soragyňyza jogap bermänem bilerdim. Herki zadyň öz çägi bolýandyr. Mundan soň, belki, siz adamym bilen haçan ýatyp, haçan turýanymy-da anyklamakçy bolarsyňyz?
– Gerek bolan wagty onam sorarys.
– Şeýdip, belki, ondanam aňyrraga geçersiňiz, subut et diýersiňiz…

Öňüne kagyz baryny üýşürip, bir zatlar ýazyp oturansoň, başda ol juda işli adammyka diýipdim. Ýöne her bir aýdylan sözi kesä alyp gaçjak bolup durşy işine ýetişmeýäniň-kä meňzänok. Onsoň bu ýagdaýyň özi başga-da bir pikiriň peýda bolmagyna getirdi: ispolkomda-da entekler işsiz-ä bar ýaly…

– Heniz-ä çagamyz ýok.

Diýmek, Bekdurdynyň aýdanlary Mylaýym hakda däl-de, başga biri barada bolmaly-da? Gürrüňdeşlik bir sagada golaý çekenem bolsa, şunça wagtyň içinde bu ýerde ýaňky çaklamadan başga bilip bilen zadym bolmady. Ýöne garyndaşdygyna welin näme üçindir ynanasym gelmedi.

Gaýtmak üçin ýerimden turan hem bolsam, ony kejikdiräýjek ýene bir sowaly aýtmaly boldum.

– Bagyşlaň welin, ol sizi şeýdip, her gün işden soň öýüňize äkidýämi?

– Haýyş etsem, äkidýä. Häzir ýoldaşym Aşgabada gitdi, komandirowka. Ýanymda az-owlak goşumam bardy-da, onsoň düýn haýyş etmeli boldum.

Näme üçindir, ol gürrüňdeşligiň soňunda gaty ýumşady. Ýöne ýumşany-gatany bilen indi barybir, gürrüňimiz kiparlapdy. Iň bolmanda özüm-ä şeýle pikir edipdim. Emma Mylaýym meni bu pikirimde ýalançy etdi.

– Eger-de, şol aýal barada bir zat bilsem, size aýtmalymy? – diýip, ol gapa ýönelip-ýönelmänkäm badymy aldy.

– Elbetde aýtmaly. Hökman aýtmaly.

– Bolar. Ýöne meni gözläp ýörmäň, özüm sizi taparyn. Şu eden gürrüňlerimiz bolsa goý, şu ýerde galsyn. Bolýarmy? – Ol soňky aýdan sözlerine aýratyn yhlas bilen näz-kereşme-de garyp goýberdi.

Ynha, bu başga gürrüň. Ala-böle seniň maňlaýyňdan şeýle paýhasly ýoldaşyň çykýanyny geňem gördüm-le.

* * *

– Täzelikde nomeri aýrylyp-dakylan ak “Žiguli” raýonyň çäginde-hä ýok – diýip, döwlet awtoinspeksiýasynyň naçalnigi Ymamguly Berdiýewe habar getirdi.

– Aýrylyp dakylmagy hökman däl, nomersiz duranam ýokmy?

– O-da ýok.
– Bolman geçsin! – diýip, ol içki nägileligini nädip daşyna çykaranyny duýman galdy. Soňra meni diňlemäge taýýardygyny syzdyrdy. Ýöne meniň gürrüňimi soňlatmadylar. Ony ilki bilen uçastok inspektory Amanny Diňliýew böldi. Ol, hamala jenaýatçynyň hut özüni anyklap gelen ýaly, biziň ýaňy başlan gürrüňimize pitiwa hem etmän, Ymamguly aganyň gaşyna geçip çökdi.
– Agam, siziň şo gyzyl maşyn diýýäniňiz bar-a, 23 – 23 nomerli, şo biziň kolhozymyzda görünýä diýýäler-ä?!
– Haýsy kolhozda?
– “Ýagtylykda”
– Kimlere barýan eken?
– Ony-ha entek anyklamok. Ýöne şo töwerekde görünýäni welin belli. Gerek bolsa kimlere barýanyny hem bilip bilerin. Bileýinmi?
Maýor Berdiýew onuň soňky sözüne geň galanlygy äşgär duýuldy.
– Bileýinmiň näme? Şony anyklap, onsoň gelmeli ekeniň-dä. Näme iş bilen barýa, nähili wagt barýa…
– Anyklaryn ýoldaş maýor. Häzir anyklap gelerin – diýip, ol haýdap çykyp gitdi.
Mylaýymly gürrüňiň niresinde galanymyzy ýaňy anyklap, täzeden alyp ugranymyz hem şoldy welin, ony ýene aýaklamaga goýmadylar. Gürrüňiň arasyna bu gezekki gelip goşulan adamy göremde, onuň päsgel bererine gynanybam durmadym. Içeri girip, ýaýdanjyrap duran Amanşady. Çagyrylanda zordan gelýän pyýadany bu ýere öz aýagy bilen gelmäge, eýsem, näme mejbur etdikä?
– Ýoldaş naçalnik, jenaýatçy gözleýäs diýiip, bu işe galtaşygy ýok adamlaryň indelip ýörülmegi-hä birhili bolýar-aý.
Bäý-bä, asyl gep mundan çykdy diýsene!
Iç işige özüni atyp-atman, kinesini beýan etmäge duran ýigit halypadan edil öz gürrüňi ýaly gürrüňini hem eşitdi:
– Nähili birhili bolýar-aý? Saňa öz bilýän zadyňy bizden gizläp bolýa-da, indi bize gerek adamlar hakda ol-bu zat soramagam bolanokmyka? Onsoňam, sen bir zady ýadyňdan çykarma. Sorag-idegsiz-ä iş ýöremez, heniz gaty kän adamy sorag etmeli bolar. Olaryň haýsynyň işe galtaşygynyň baryny-ýoguny bolsa,

sen däl-de, biz kesgitläris.
Ýigide bu gürrüňiň aňyrsynyň nireden ýetenligi bildirip durdy. Ýanyndan çykyp-çykmankam, Mylaýym oňa habar eden bolarly. Diňe bir habar etmegem däl: “Bar-da özüň gürleş, gaýdyp beri şunuň ýaly zat üçin meni indäp ýörmesinler” diýlen bolmagy-da gaty ähtimal. Ýogsa, beýle çakganlyk oňa nämä derkar? Ýogsa-da, häzir onuň has beter howuny basaýsak näderkä?
– Ymamguly Berdiýewiç, ýogsa-da bu iş babatda sudýamyzy hem sorag etmeli boljak öýdýän – diýip, halypa ýüzlensemem, gürrüňiň ýigide ýetiren täsirini aňşyrmak üçin usullyk bilen ony synladym. Edil ot alyb-a galybermedi, ýöne ýüzüme ýiti-ýiti seretdi.
Gürrüňiň manysyna bada-bat düüşünen naçalnik:
– Gerek bolsa hökman sorag etmeli bolar – diýdi.
Şu gürrüňden soň ýigit Ymamguly aganyň alkymyna bardy-da:
– Bolýa, aýdaýyn, ýöne bir şert bilen – diýip, ahyrsoňy gönüsinden gelmäge durdy. – Şony sorag etmen diýseňiz, aýdaýyn.
Başga bir wagt bolanda, bu ýerde şerti kimiň goýup bilýändigini Ymamguly aga oňa ýagşy düşündirse-de düşündirerdi welin, häzir ol gürrüňiň zerurlygy ýok diýip hasap etdi gerek. Häzirki eşidiljek gep has möhümräkdi. Ýöne oňa belli bir wada bermekden saklandy. Onsoň, ýigidiň şerti öz-özünden jogapsyz galyberdi. Şeýle-de bolsa, ol bu dymyşlygy öz peýdasyna diýip düşünen bolarly, şertden soňky sözlerine geçiberdi.
– Oňa Näzli diýýäler, şu ýerde, pekarnýada işleýär – diýip, ol hamala pekarnýa diýýäni edil milisiýanyň jaýy bilen duldegşir oturan ýaly, penjiräniň daş ýüzüne ümledi: “Ýagtylyk” kolhozynda-da ýaşaýar. Sizi ýene näme gyzyklandyrýar?
– Näçe çagasy bar? – diýip, men hem şol bir eşiden gürrüňimiň niräde tassyk boljagyny bilmeýän ýaly, Mylaýyma beren sowalymy oňa-da aýtdym.
– Üç. Bir ogul, ikem gyz.
– Näme keseli bar? – Bu soraga diňe Amanşa däl, Ymamguly aga-da birhili boldy. Ýöne halypa bu ýigitden tapawutlykda sesini çykarman, diňe soragly nazaryny dkip oňdy. Ýigit welin derrew anyklamaga oturdy:

– Men düşünmedim-le…
– Onuň häzirem aýal keseli barmy ýa-da gutuldymy diýjek bolýan? – diýip, Bekdurdynyň aýdany dogry çykansoň biotokly Şeribiň aýdan gürrüňini hem çenläp, şu ýerde oklap goýberdim. Ýaman etse, ýalan çykjak eken-dä.
– Be –diýip, ol geň galmakdan ýaňa çala ýylgyranyny hem duýman galdy.
– Siz o zatlary nireden bilip ýörsüňiz?
– Onuň tapawudy ýok. Ýeri onsoň, gutuldymy?
– Onuň siz üçin näme tapawudy bar?
– Şeýle soragy men özüňe beresim gelýär. Onuň şo keselden gutulanynyň-gutulmanynyň saňa näme tapawudy bar? Ýöne haýyş edýän, dogryňy aýt.
– Dogrymy aýdaýynmy?
– Elbetde.
– Ol şo keselden ggutulsa maňa ogul dogrup berjekdigini aýtdy.
– Näme oň äri ýokmy? – diýip, Ymamguly aga hem şu ýerde gürrüňe goşuldy.
– Bar.
– Şeý diýsene… Gatyrak gidiberipsiňiz-ow. Oň äri näme iş edýär?
– Şo kolhozda ýa şopur, ýa-da traktorçy bolmaly. Ikisinem sürýär öýdýän.
– Ady?
– Maşdy.
Şol wagt hälki uçastok inspektory ýene-de işikde peýda boldy. Ol:
– Agam… – diýeninden, Maýor Berdiýew onuň sözüni böldi.
– Täşli, sen daşarda azajyk garaş. Häzir men seni çagyraryn – diýip, ol soňra ýene-de Amanşa tarap öwrüldi. – Sen nähili pikir edýäň, Näzli ikiňiziň gatnaşygyňyzdan Maşdyň habary bardyr öýdýäňmi ýa-da ýok?
– Ýokdur-la. Aýal-a gümanam edýändir öýdenok.
– Adamsy duýmaz ýaly, siz onuň bilen nähili ýagdaýda duşuşýaňyz?
– Biz bu töwerekde asla duşuşjagam bolamzok, ýöne juda zerur bolsa, men ony işden soň obalaryna eltip gaýdýan.

– Onda nirede duşuşýaňyz? – diýende Ymamguly aganyň äheňinde gönüläp aýdanyňda, ýigrenç alamaty duýlup gitdi. Onuň öňünde häzir jebir göreniň wekili däl-de, sütem edenleriň biri duran ýalydy.
– Aşgabada gidýäs. Näzliniň atasy öýi şo ýerde. Onsoň, olam gowy bahana bolýar.
– Diýmek, ikiňizem Maşdyň bu zatlardan habary ýokdur öýdýäňiz-dä, şeýlemi?
– Hawa.
– Siziň bu gatnaşygyňyz näçe wagt bäri dowam edip ýör?
– Iki ýyl töweregi boldy.
Halypa soňky gürrüňi akyl-paýhas mizanyna salyp görmekçi bolýan ýaly, penjiräniň öňüne geçdi-de, uzaklara nazaryny dikdi. Ýöne ol töwerekdäki zatlaryň hiç birini-de seljermedik bolsa gerek. Ol häzir iki ýyl bäri aýagyny gyşyk basyp ýören hatynyň adamsynyň ýagdaýyny göz öňüne getiren bolarly: şonça wagtyň içinde heý-de duýmazmy? Birdenem ol çalasynlyk bilen yzyna öwrüldi:
– Her näme-de bolsa, Näzlini bir ýola-ha sorag etmeli bolar. Isleseň şu ýerde, islemeseňem öýünde ýa-da iş ýerinde.
– Ýok-ýok, öýüne beri barmaň. Işinde-de bilmeseler ýagşy. Gowusy men ony şu ýere alyp geläýeýin?
Halypa derrew razylaşdy:
– Bar, getir.
– Häzirmi?
– Häzir.
Amanşa çaltrak bir dertden dynmakçy bolýan ýaly, haýdap çykyp gitdi. Ol gapyny ýapan dessine, naçalnik maňa ýüzlendi.
– Hany, bar, ýaňky Täşlini çagyr-la. Şolam çoça ýaly bolup, gapyny açmanka gygyryp gelýändir.
Hernäçe gödeňsem bolsa, onuň bu gezekki alyp gelen habary eýýäm bir zatlary aňladýardy, has dogrusy, Amanşanyň aýdýanlaryny tassyklaýardy.
– Ol maşynda Maşdyň aýalyny-ha görüpdirler. Şo geleniň özi betje ýalam, how.
– Dur, dur, sen şundan aňry geçmän sägin. Ýaňky Maşdy diýýäniň näme iş edýär?

– Traktoçy diýýädiler gerek.
– Öz maşyny barmy?
– Onçasyny bilmedim-ow.
– Ekspertizanyň netijelerini alyp gelen Şäherli Täşlini görendenmi, hiç zat gürlemän, elindäki kagyzlary naçalanigiň öňünde goýuşdyrdy. Şol wagt telefonyň sesi uly goh edip, içerini doldurdy. Halyp öňündäki kagyzlardan gözüni aýyrman oturyşyna, elini trubka ýetirdi.
– Maýor Berdiýew diňleýär. Kim? Bar – diýip, ol trubkany maňa uzatdy.
– Hawa, diňleýän.
– Kuwwat, tanadyňyzmy kimiň jaň edýänini?
– Ýok.
– Bu men, Mylaýym, bir döwürräkde bile okan kursdaşyňyz.
– Hä-ä, gaty gowy-da, diňleýän.
– Ol bardymy?
– Kim, Amanşamy?
– Hmm.
– Hawa, gelip gitdi.
– Siziň ideýän adamyňyzy aýtdy dälmi?
– Aýtdy-aýtdy. Bu işde siziňem hyzmatyňyz ýok däl öýdýän. Köp sag boluň.
– Men sözümde durdum dälmi?
– Hawa-hawa, sag boluň.
– Onda sizem sözüňizde durarsyňyz diýip pikir edýän?
– Düşünmedim-le?
– Hälki gürrüňimiz edilen ýerinde galýar dälmi?
– Hawa-la, ýogsa näme!
– Onda sag bol, kursdaş!
– Sag boluň.
Halypa gürrüňiň hörpünden kimiň jaň edýänini aňan hem bolsa, adyny tutman:
– Hälkimi? – diýip sorady.
– Hawa.
– Näme diýýär?
– Näme diýsin, öz janyny barlap görýär.
– Ýaňky hut şonuň şatysyna çydaman geläýipdir öýdýän?

– Ýogsa nä. Bir gyssaga-ha düşüpdir. Elbetde, öz hasaplary bardyr-da.
– Geň galaýmaly – diýip, halypa köneki endige görä, ýerinden turup, kabinetiň içini ädimlemäge durdy. – Tutuş raýon milisiýasynyň aýtdyryp bilmedik zadyny ol zaňňar bir demde saýratdy oturyberdi-ow. Dogrudanda, bu ýerde bir hesib-ä bolmaly, ýöne nähili hesip?
Gapynyň batly açylmagy hasap-hesipden derrew ünsümizi sowup ýetişdi. Amanşanyň gidişi bilen gelşi des-deň boldy. Yzynda-da Näzli. Gelin içeri girende bir kaddyny saklan hem bolsa, çetde oturan uçastok inspektoryna gözi kaklyşan soň dessine, terziniň üýtgäni bildirdi. Başda goýberilen çaklaňja säwligi indi giç hem bolsa maýor Berdiýewiň özi düzetmeli boldy.
– Täşli, sen koridorda garaş, aňyrsy ýarym sagatdan gideris.
Gapdalyndaky boş oturgyjyň arkasyna elini atyp, gelni synlap oturan uçastok inspektory ýaňky gürrüňden soň, papagyny kellesine oklady-da, sesini-üýnüni çykarman, gapa ýöneldi. Ýöne şol barşyna, ol gelniň oturan tarapyna ýene bir ýola gözüni aýlamaga puryja tapdy.
Aslyýetinde, ilkinji gezek ýüzbe-ýüz bolan bu gelne göz aýlamazça hem däl: onuň tegelek, gazak ýüzli, ap-ak keşbi-de, çep dulugyndaky oýmagyň yzy ýaly peşehordasy-da, gyýma gaşlarydyr, pökgi dodaklary-da ençe ýigide gaýta-gaýta göz aýladan bolsa gerek. Ýöne, her näme-de bolsa Güllerden-ä owadandyr öýtmedim. Onda näme üçin bu ýigit şol diýip, ýapyşyp ýatyrka? Ýa-da hersiniň öz orny barmyka? Onda bu haram bolmazmy? Ýigit üçin ýene ýagşy, gelin üçin nähili? Beýle adamyň elinden çörek iýmek dürsmikä? Ol diňe öz öýündäkiler üçin-ä däl, tutuş posýolok üçin çörek bişirip ýör.
Ýa bu hem söýgi boldugymyka? Belki, ol hakyky söýgüdir-de biz düşünýän däldiris? Belki, biziň bu ikara goşulmagymyzyň özi tersdir? Belki-de biz erkin söýgä päsgel berýändiris? Ýogsa-da erkin söýgi diýilýän gutarýan bolaýmasyn? Munuň ýaly zatlara düşünmeýäniňkem bir görgi-dä…
Adaty tanyşlykdan soň, anket maglumatlaryndan soňky gürrüňe geçmeli bolnanda, az-kem ýaýdanjaňlyk ýüze çykdy. Onuň-da sebäpkäri gelniň özi boldy. Halypanyň:

– Siz Amanşa bilen haçandan bäri gatnaşykda? – diýen sowaly ony kürtdürmäge mejbur etdi.
Elbetde, ol bu gatnaşygyň näçe wagt bäri dowam edip gelýänini bilmän-ä kösenýändir öýdemok. Ýöne şu sowala “pylança wagtdan bäri” diýip, jogap bermegiň özi hem-ä ýanýoldaşyňa, hemem mukaddes ojagyňa ikilik edýänini gös-göni boýun almakdy. Beýle işi dogry durup boýun almak bolsa ikilik edeniňdenem agyr bolsun gerek.
Amanşa herimiziň ýüzümize bir seredip çykdy-da:
– Bolmasa, men daş çykaýsam nädýär? – diýdi.
Ymamguly agadan başga hiç kimden ses çykmady. OL teklip bilen bada-bat ylalaşdy:
– Sen, gowusy şeýdäý.
Iki oduň arasynda galan ýaly bolup oturan gelniň şondan soň az-kem ýüregi düşüşdi. Hatda hälki berlen sowaly-da ikinji gezek gaýtalatman, gürrüňi şol ýerden alyp başlady:
– Ýaňkyny tanaýanyma indi iki ýyl çemesi boluberipdir. Gatnaşyk diýip bir Taňryň beren güni gabatlaşjak bolubam duranok-la, setanda-seýranda atam öýüne gitsem, dogry, şoň bile gidýän. Başga wagt işim-aladam özüme ýetik.
– Sizi onuň bilen duşuşmaga näme mejbur edýär? – diýip, men ýaňy ýola düşüp ugran gürrüňiň arasyna nädip goşulanymy duýman galdym.
Megerem, hälki sowallar erkime goýmadyk bolarly. Bu soragyň işe nä derejede dahylynyň bardygyna düşünmedik halypa köpmanyly ýagdaýda maňa seredip oňsa-da, gelin kän kösendi. Aslyýetinde, Mylaýym ýaly köpbilmişiň biri bolanda, bu sowalyňa jogap berjek däl diýse-de, diýer oturardy, sebäbi, her näme-de bolsa, bir adamyň beýleki adamy sulhy almagy tebigy zat. Ýöne bir bendäniň durmuşyna aralaşyp, gününi bulamak – ynha, ol başga gürrüň.
– Men nädip düşündirsemkäm – diýip, gelin birbada ýaňky soragyň jogaby barada kän oýlanan hem bolsa, ahyr soňy ony düşündirmäniň ebeteýini tapan bolarly. – Maşdy menden on bäş ýaş uly, ýöne şonda-da sesimi çykarman ýaşaşyp ýörün. Sebäbi ejem meni şolara satdy. Menem ejemiň sözüni ýykmajak bolup, şonuň bilen ýaşan bolup ýörün. Başda edil beýle bolýandyram

öýtmedim welin…
– Nähili bolýandyr öýtmediň? – diýip, men büçe bolanyna görä gürrüňiň gümürtik ýerini goýmajak boldum.
– Birhili ýaş tapawudyň uly bolanda, islegleriňem, bir-biriňe höwesiňem deň gelmez eken. Meniň ondan bir zatlar eşidesim gelýär, ol bolsa düýbünden başga zatlaryň gürrüňini edip otyr. Garaz, ýaşyň deň bolmasa, galan zadyňam kemally alyşyberjek däl eken. Wagtal-wagtal ol maňa ýassykdaşym hökmünde däl-de, kakam deňduşly ýaly bir garyndaş ýaly bolup görünýär. Siz doganlar, bagyşlaň, şu wagt öňüňizde ýurt ýykan jelep otyr diýibem düşünseňiz düşünýänsiňiz. Ýöne, jan doganlar, men şu işi meslige çydaman edip ýörendir diýib-ä düşünmäň. Ynanyň, çagalamdan ant içýän, men diňe öz deň-duşum bilen degşip-gülüşmek, sähelçe-de bolsa ýalançyň lezzetini duýmak üçin şeýdip ýörün.
– Beýle ýaş aratapawut ýagdaýynda durmuş gurmagyňyza eýsem, näme sebäp boldy? Ýagny ikiňiziňem şo ilkinji nikaňyzdyr-da, şeýle dälmi?
Bu sowalyň jogaby-da oňa aňsat düşmedi. Onsoň ol ýene-de oýlanmaga oturdy. Ýöne her näçe oýlansa-da, munuň bir gowy tarapy, aldajak bolup duranokdy. Ynha, bu gezek hem ol hakykatdan daş düşendir öýdemok:
– Men çykyp gelemde, ol telpegi agandy. Gelni birinji çagasy boljak bolanda, ýaş üstünden giden eken…
Ol ýoldaşynyň ýagdaýyny aýtmaly bolanda, onçakly kynçylyk çekmese-de, özüne gezek gelende ýüzüni ýerden galdyrman dymdy. Göwnüme bolmasa, çekgeleri çygjaran ýaly hem bolup gitdi. Ymamguly aga onuň mundan artyk kösenip oturmagyny islemedi öýdýän.
– Eger kyn düşse hökmanam däl – diýip, ony köşeşdirmekçi boldy.
Ýöne Näzli eýýäm diline gelen gürrüňi ýuwutjak hem bolup durmady.
– Şu meniň başky nikam, ýöne durmuşa çykmankam men özümi aldadypdym…
Ymamguly Berdiýewiň şondan soňky tapan gepi ony häzire çenli edilen gürrüňlere kän bir pisindi oturmaýandan edip görkezdi.

– Ýagşy, indi bu gürrüňleriň ählisini bir ýana aýraly-da, başga bir zady anyklaly: siziň şu gatnaşygyňyzdan ýoldaşyňyzyň habary bardyr öýdýäňizmi ýa-da ýok?
– Men-ä hiç zat aňmaýarmyka diýýän.
– Amanşanyň gelnine näme bolanyndan-a habaryňyz bardyr-la?
– Hawa, aýtdy.
– Bu şolar ýalyň-a işi däldir-dä?
– Ýok-la, Maşdy olar ýaly zady ölse oňarjakmy.
– Belki, dogan-garyndaşlary bardyr.
– Dogan-a kän, ýöne olar öz günleri bilen, Maşdam öz güni bilen. Bular känbir goşulyşyp-gatyşybam ýörenoklar.
– Olaryň doganlarynyň arasynda ak "Žigulilisi" barmy?
– Bar. Çaryýaryň şoň ýaly maşyny bar.
– Diýmek, siz olara müňkür bolaňzok-da? – diýip, halypa onuň bu babatdaky pikirini ýene bir gezek anyklamaga çalyşdy.
– Näme diýseňiz-le, men-ä olaryň bu gatnaşykdan habary bardyr öýdemok. Şu gürrüň arada bolmasa, näme üçin olar şonuň ýaly iş etmeli?
– Onda muny kim edendir öýdýäňiz?
– Wiý, toba, men näbileýin? – diýip, gelin allaniçigsi boldy.
– Ony özüňiz bilmeseňiz, men nireden bileýin…
Bu gürrüňlere esaslanyp, belli bir netijäniň başyna barjak gümanyň ýok. Ýöne, her näme-de bolsa, şu betgümanlygyň özi, galyberse-de, şol ýerde ak "Žiguliniň" bolmagy Maşdylara gitmäge esas bolman duranokdy.
Gelin çykyp giden dessine, Amanşa hem gapydan burnuny görkezdi-de, biziň bilen hoşlaşdy. Oňa derek Täşli uly haýbat bilen içeri ätläp, häliden bäri zordan saklap duran habaryny oklady:
– Hanha, meň diýýänim şo gelin-dä!
Şeýle yhlas bilen aýdylan gepiň ünssüz galmagy gylawyny az-kem ýatyrdy.
– Täşli, sen olaryň öýüni tapýaňmy? – diýip, ýola häzirlenmek üçin ýerinden turan Ymamguly aga uçastok inspektoryna ýüzlendi.
– Kimiň? – diýip, bu ýigit göwünli-göwünsiz sorady. – Maşdylaryň öýüniňmi?

Halypa sesini çykarman baş atdy.
– Hawa-la, Maşdylaryň öýi ýaňky gelinleriň öýi-dä, ýörüň – diýip, ol öňe düşdi.
Sähel wagtyň içinde diňe Maşdy bilen däl, onuň duldegşir gapdalyndaky mellekde ýaşaýan inileri bilen hem tanyşdyk. Biziň bu ýerde bada-bat aňşyran zadymyz – olaryň hiç birininde milisiýa işgärleri bilen gürleşmäge döwtalap däldigidi. Sebäbi milisiýanyň birbada dört sany wekiliniň peýda bolmagyna oba ýerinde adaty bir ýagdaý diýip boljak däldi.
Dört doganyň iň ulusy Maşdy gürrüňçil däl eken. Aslyýetinde, gezek bermän gürleýänlerden bolsa-da belli däl. Ýöne biziň ýanymyzda-ha "ýokdan" ýa-da "hawadan" başga näme aýdany ýadyma düşenok. Bäşim-ä diňe bir gürlemek däl, biziň ýanymyzda uzak eglenmek hem islemedi. Olara derek Çaryýar atlysy has ekabyr göründi. Şonuň üçin hem ol biziň özümize sorag bilen ýüzlendi.
– Munça adam bolup gelipsiňiz welin, eýgilikmi özi?
– Gaty bir eýgiligem däl – diýip, Ymamguly Berdiýew milisiýa işgärleriniň bu resmi saparynyň sebäbini düşündirmäge durdy. – Geçen bazar güni raýon merkezinde, has anygy, posýologyň çetinde bir agyr jenaýat edilipdir. Şol jenaýatyň amala aşyrylan wagty ak "Žiguli" ulanylan eken. Kimde şoň ýaly maşyn bar bolsa, ýekä-ýekän hemmesiniň üstüne aýlanyp ýörüs. Sizde-de şeýle maşynyň bardygyny eşidip gelşimiz.
Aslyýetinde, şeýdip, ähli zat barada jikme-jikligi bilen hasabat berip durmak milisiýanyň jenaýaty agtaryş bölüminiň naçalniginiň wezipesine girip duranokdy. Ýöne, megerem, halypa bolan wakany bolşy ýaly aýtmak bilen, onuň bu ýerdäkilere täsirini syzmak islän bolarly.
– Dogry, şonuň ýaly maşynyň-a bizde-de biri bolmaly welin, edil häzir bu ýerde däl-dä.
– Nirede?
– Aşgabatda gezip ýör. Kiçimiz Alty zähmet rugsadyna çykdy-da, şol münüp gitdi. Aşgabada diýib-ä münüp gitdi welin, kim bilýä bu wagt nirededigini. Ýaş oglan-da, gullukdaş diýýä, klasdaş diýýä, klasdaş ýa kursdaş diýýä, garaz, ygmaga ýer tapýar. Kim bilýä, Bäherdenden ýa Gökdepeden tozap çykypmy, ýa-da Aşgabadyň oýunda gezip ýörmi.

Haalypanyň bu aýdylýan zatlara pisint etmeýänini bilip durun. Ýöne ol näme-de bolsa, syr bermedi.
— Haçanrak gidipdi?
— Hany göreýin — diýip, onuň giden güni hamana eliniň aýasynda ýazylgy ýaly, Çaryýar bir eliniň aýasyny açdy-da, barmaklaryny büküp, hasaplamaga durdy.
— Geçen annada gidäýipdi öýdýän.
— Indi haçan gaýdyp geler öýdýäňiz?
— Bilmedim-dä. Aýdýan-a ýaş oglan diýip, keýpi tutan wagty dolanaýmasa.
— Meselem?
— Näme, meselem?
— Takmynan näçeräk wagtdan geler öýdýäňiz? Bir hepdedenmi, on gündenmi, bir aýdan ýa-da bir ýyldan?
Ymamguly aganyň bu gürrüňiniň soňy megerem bir zadyň — özüni aldaýandyryn öýdüp duran ýigide dyňzap duran gaharyň alamatydy.
— Aý, indi aňyrsy bäş-üç günden geler-le. Birigün eýýäm gidenine bir hepde boluberýär-ä.
— Onda gelen dessine ynha, şu adrese barsyn. Maşynam alyp barsyn. Ol öz adyna dälmi? — diýip, sorag berip durşuna halypa bir bölek kagyzy Çaryýaryň eline tutdurdy.
— Ýok, maşyn-a meň adymadyr — diýip, bu pyýada başardygyndan jogap gaýtardy.
— Şeýlemi asyl. Ony bazar güni giçlik özüňiz-ä süren dälsiňiz-dä?
Oslagsyz ýerden çykan bu sowala Çaryýar aňk-taňk bolsa-da, özüni ýitirmedi.
— Agam, maşynyň geçen anna güni gidişi diýip ýaňy aýtmadymmy näme? Adam oýnajak bolýaňyz öýdýän?
Dyňzap duran gahary zerarly, başga bir zatlaryň pikirine ulaşdymy ýa hakykatdan-da synap görmekçi boldumy, maýor Berdiýew ynha, gürrüňiniň şu ýerini bulaşdyrdy. Haýdan-haý hem ony delile getirmäge durdy.
— Wah, huşum gursun, annada gidipdi diýdiň-ow. Ýeri, bolýa, onda haçan gelse, maşyny alyp barsyn. Aslynda-ha özüň alyp barsaň has oňat bolar.

– Ýagşy, barmaly bolsa, hökman bararys
Diňe hoşlaşmaga duramyzsoň, Çaryýar öýden oturyp, çaý içmegi mürähet etdi. Hälki bir sypaýyçylyk üçin edilen bu teklibi ýene bir gezege goýmak bilen, biz hem onuň tamasyny ýerine saldyk.

* * *

Synçylykda organ işgärleriniň hiç birine-de pisint etmezlige hakym ýok. Ýöne näme üçindir, Çaryýarlaryň howlusyndaky bir ýagdaý barada kärdeşlerimiň hiç biri-de kelam agyz dil ýarmady. Maňa welin şol müňkürlik diňe bir giçlik edara baramyzsoň däl, eýsem, soňam hiç ynjalyk bermedi.
– Hawa, garaž bolup garaž boldugam däl ýaly-la, ne derwezesi bar, ne-de beýlekisi.
– Nähilem bolsa, şol maşyn goýulýan ýer bolarly. Üsti, töweregi ýapyk, ulagyň ýagyş-ýagmyryň astynda galjak gümany ýok. Ýöne şoňa bede kipleriniň basylyp, agzy-burny bilen dykylyp-doldurylmagy birhiliräk.
– Bu ýerde geň görerlik näme bar. Bede tapsaň, nire çemelidir öýtseň, basarsyň-da. Diňe içi däl, üstem durşuna bededi öýdýän?
– Hawa, içem doly, üstem. Ýöne näme üçindir aşagy ellenmändir-de ýokarky daňylardan alnyp başlanypdyr. Bolmalysy welin, ilki içinden alnaýmaly ýaly.
– Ilki haýsyndan alnanda näme? Munuň näme tapawudy bar?
– Her näme-de bolsa, garažyň üstünden içi gerekliräk bolmaly. Şonuň üçin hem ilki onuň içi boşadylsa gowy bolmazmy näme?
Naçalnik bu gürrüňi birlaý aňynda aýlady öýdýän, birsellem sesini-üýnüni çykarman oturdy-da.
– Näme diýjek bolýaň? – diýdi.
– Bede diňe garažyň agzyna basylan bolaýmasa diýjek bolýan. Aňyrsynda bolsa kim bilýä nämäň bardygyny.
– Paýhasy bar adam, heý-de, şonuň ýaly ýerde maşyn gizlärmi?
– Menem edil siziň pikir edişiňiz ýaly pikir edýän. Başgalaryňam şeýle pikir etmegi mümkin. Belki, munuň özi hut şeýle pikir üçin niýetlenen bolsa bildiňizmi?
– Baý-bow, Kuwwat, seniň olar hakdaky pikiriň gaty ul-ow.

– Aý, görüň-dä, meniňk-ä bir pikirimi aýtmak – diýip, men öz pikirimi mundan artyk tekrarlap durmakdan saklandym. – Onda ertir nämeden başlarys?
– Hany, nesip bolsa, ertire beri çykaly bakaly, ertirkini ertir görübereris.

* * *

Halypa meniň gürrüňime başda pitiwa etmese-de etmedi welin, soň bu hakda az oýlanmadyk bolarly. Asyl ertesi ir bilen gelsem, eýýäm Amanşany tapyp, oňa-da Näzlini getirdip, şony sorag edip oturan bolsa nätjek! Men gelemde eýýäm gürrüň kiparlanypdyr. Şonuň üçin hem Ymamguly Berdiýew olary ýola salmak bilen boldy. Olary ugradan dessine-de maňa ýüzlendi.
– Kuwwat, sen mamla bolaýmagyňam mümkin. Sebäbi, Çaryýaryň gözümiziň içine seredip bir zatda ýalan sözläni eýýäm anyk boldy. Ol maşynyň anna güni äkidilenini ýanjap dur dälmidi näme?
– Hawa.
– Aň bolan bolsaň, birem däl, birnäçe ýola gaýtalapdy. Emma ynha, Näzli welin şo maşynyň altynjy güni gelinalyja gidenini aýdyp otyr. Diýmek, bir ýalançylygyň bolmagy mümkin-ä?
– Bedäniň şo ýere haçan basylandygy hakda-da soran dälsiňiz?
– Ony täzelikde getiripdirler. Garažyň içine-de, üstüne-de bir wagtda basylan bolarly…Sen görýän welin, düýnki gürrüňiňi henizem ýatdan çykarmansyň öýdýän?
Ol sowalynyň jogabyna-da garaşman, raýon içeri işler bölüminiň naçalnigi bilen göni aragatnaşykdaky gyzyl telefonyň trubkasyny galdyrdy.
– Ýoldaş polkownik, sizi maýor Berdiýew biynjalyk edýär. Meni häzir kabul edip bilersiňizmi? Bardym.
Ol çykan dessine, Şäherli hem bir ýerden peýda boldy.
– Ol nirä haýdap barýar? – diýip, kärdeşim gele-gelmäne, halypanyň yzyndan ümledi.
– Naçalnigiň ýanyna.
– Hawa, indi näme etmeli diýýär?
– Ýene agşamky ýere gidäýmesek.
– Näme üçin? – diýip, ol meniň ýüzüme dikanlady. Soňra,

sowalynyň jogabyna-da garaşman, ýene özi dowam etdi. – Sen şo düýnki gürrüňiň üçinmi?
– Bilemok.
– Şoň üçin bolsa, men-ä gidibem oturjak däl.
– Ýagdaýyňa seret, men-ä seni äkitjegem bolup duramok.
– Sen bir oňatja pikir et-how, ýeri, haýsy samsyk şeýdip, maşyn bukup goýar? Maşyn diýen näme, iňňemi saňa!
Ymamguly aganyň tiz gaýdyp geleni gowy bolaýdy, Ýogsa kärdeşim halys etjekdi. Öten agşam-a halypa al petimden aldy welin, ýeri, Şäherliniňki näme diýsene! Nireden aýdypdyryn-a. Diýenime ökündirdiler…
Her näme diýselerem, biz şondan sähel salym soň, ýene “Ýagtylyk” kolhozynda, düýnki işigini açan gapymyzda peýda bolduk. Erkekler tükel işde bolarly, bizi Çaryýaryň gelni bilen Bäşimiň gelni garşy aldy.
– Siz maşynyňyzy nirede goýýaňyz? – diýip, halypa olara öňden taýynlap gelýän soragyny berdi. Gelinler belli bir zat diýmezden öňünçä biri-birleriniň ýüzlerine seredişdiler. Biri-birine geňeşen gözler näme jogap bermelidigini kesgitläp bilmedi öýdýän, sowal jogapsyz galdy. Ymamguly aga bolsa, olary eşitmekçi bolýan jogabyna has ýakynlaşdyrdy.
– Şu garaž boldugy ndälmi näme? – diýip, ol endam-jany bede bolup duran sümelgäni görkezdi. Ahyrsoňy olaryň biri, megerem, Çaryýaryň gelni bolsa gerek, ikinji soragy jogapsyz goýmazlyga aýgyt etdi.
– Hawa.
– Biz diňe güman edýän, maşynlarymyzy däl, eýsem, olaryň saklanýan ýerlerini hem gözden geçirýäris. Şonuň üçin garažyha boşatmaly boljak.
Ynha bu gürrüň welin gelinleri görnetin tijendirdi.
– Ony biz bbilmeris. Oglanlaryň özi bolmasa, bolmaz-a – diýip, ýaňy süýnüp-sarkyp, ýaýdanjyrap bir söz aýdan gelin häzir jedir-jedir edip başlady.
– Näme üçin bolmaz? Bäş bogy bedäni gozganyň bilen dünýe gapyşaýasy ýog-a.
– Onda-da bolmaz – diýip, ýaňky gelin kes-kelläm garşy çykdy.
– Özleri bolmasa bolmaz.

– Ýagşy, beýle bolsa, onda özlerini çagyralyň-da. Bäşim-ä kontordadyr, şeýle dälmi?
Jogap juda emelsiz eşidildi.
– Hawa.
– A Çaryýary nireden tapyp bolar?
Bu gezek gelinlerden asla jogap bolmady. Halypa bolsa ýene dowam etdi.
– Ýagşy, Şäherli, sen häziriň özünde Bäşimi alyp gel…Çaryýar hökmanam däl.
Kärdeşim ýumşy uzaklaşdyrmady, ýöne ýaman ýeri, Bäşim hem gelinleriň gürrüňini gaýtalady duruberdi.
– Çaryýaryň özi bolmasa, bolmaz.
– Äl, muny nätdiňiz-aý –diýip, halypa dyňzap gelen gaharyny zordan saklady. –Näme, ýa bu ýerde bir zat gizläp goýduňyzmy?
Bäşim bu gürrüňi eşiden dessine gelinleriň ýüzüne garady. Olaram biri-birine seredişdi. Bu syrly garaýyşlaryň özi, megerem, ýöne ýere-hä däl bolsun gerek. Ymamguly aga ýaňky pursady aňşyrmadymy ýa-da aňşyrsa-da duýmazlyga saldymy, garaz, gürrüňini öňki hörpde dowam etdi.
– Bar, beýle bolsa agaňy alyp gel!
Häliden bäri şeýle görkezmä garaşyp duran ýaly, Bäşim melegiň aýagyndaky kümä söýelgi motsikle atlandy-da, ýüzüni gaýralygyna tarap tutdurdy.
Şol pursat maýor Berdiýew ikimiziň nazarymyz çaknyşdy: ýaňky indi ony haçan tapyp, haçan alyp geljek – Hudaý bilsin! Şonuň üçin hem biz gelinleriň närazyçylygyna-da bakman, üç bolup, garažyň içindäki bede bogularyny bir ýana aýyrmaga başladyk. Iki hatary aýryp-aýyrmankak hem kipleriň aňyrsynda boşlugyň bardygy aýan boldy. Sähel-salymdan soň bolsa, diňe bir ol ýerdäki boşlugy däl, eýsem ak “Žigulini” hem görüp galdyk…
Şol wakadan soň, her näme-de bolsa, maşynyň içine çyg esginiň aýlanandygy bildirýär. Munuň özi aýak goýulýan ýerlerde yz-toz galdyrmandyr. Ýöne muňa derek ekspertizanyň wekiline oturgyjyň arkasyna direlen aýal köwşüniň yzlaryny magat saýgartmak başartdy. Maşynyň içini ilik-düwme edip, gözden geçirip otyrkak, oturgyjyň aşagyndan çykan gara ilik, näme üçindir, Gülleriň haladyndaka meňzeş göründi. Bu çaklama dogry bolup

çykdy. Üstesine-de, jebir gören gelniň üç adamyň arasyndan özüni çagyran şol oglany – Altyny, soňra bolsa beýlekileri hiç bir ýaýdançsyz tanamagy işiň tizara söklenmegine hemaýat etdi.
Şol pajygaly wakanyň nähili ýagdaýda bolup geçenligi, bu pikiriň ilkibaşda kimden çykanlygy, kimiň haýsy maddalar boýunça jenaýat edenligi, ýene-ýeneler indi derňewiň işidi. Ýöne…
“Beterinden-beteri bar” diýleni boldy. Öňki jenaýatyň kösençsizlik bilen üstüniň açylanyna kän begenäýipdiris öýdýän. Bu gezek has mojuk iş ýüze çykdy duruberdi. Kanalyň suwunyň gaçyp, gum içinde ýasan kölçesiniň başyndaky gyzyl “Žiguliniň” içini ilki baryp gören çopan oglanjygyň aýtmagyna görä, dili tutulypmyş. Diliňi tutarça-da bar eken. Öň oturgyçlaryň arkasyndaky ýaplanylýanlar hem ýatyrylansoň maşynyň içi ýazgyn krowat ýaly bolup dur. Onuň üstünde bolsa gana bulaşyp ýatan iki sany adamyň ýalaňaç jesedi. Gelniň tas ýarty göwresini örtüp ýatan şar gara saçlaryň üstündäki heniz gatap ýetişmedik myžžyk gan bolsa aýratyn aýylganç görünýärdi. Näme üçindir ýigidiň gözleri açyk galypdyr. Olaryň ölmezden öňünçä jan howluna çar tarapa urnandyklaryny hem aňşyrmak kyn däl. Maşyndan düşmek olaryň hiç birine-de başartmadyk bolarly…..
Wakanyň bir gyrasynda bolsa ýene-de Amanşa. Has dogrusy, bu gyzyl maşyn şoňkydy, gana bulaşyp ýatan hem onuň özüdi. Ýanynda-da, Näzli. Bu bolýan zatlary gör-ä, pynhan gatnaşyklary üçin ýigidiň gelni Gülleriň ömürbaky ýadyndan çykmaz edilip, ar alnany ýaňydy, ynha, indi bolsa onuň öz tepbedi okaldy. Näzliňkem bile…
Ymamguly aganyň sanlyja gün mundan öň Amanşa pahyra aýdyp oturan bir gürrüňi ýadyma düşdi: “Beterinden saklasyn!” Bu neresse şonda näme diýipdi: “Mundan beter näme bolsun?” Ynha, näme bolýanyny gördüňmi?
Üç günden soň, Maşdynyň özi boýnuny sallap, milisiýanyň işiginden ätledi.

* * *

Haýran galyp oturmaly zatlar. Munuň özi ýönekeý milisiýa işgäriniň-ä akyly ýetjek zadam däl. Eger-eger…
Haram keýpiň yşgy… Ol iki kişiň arasynda ör-boýuna galan otmy-ýalynmy ýa ataşmy-alow? Alla bilsin! Ýöne şol ikarada üýtgeşik bir süýjülik bolmasa, onda kalpda beýle-beýle höwes neýlesin!
Haram keýpiň pidasy… Ol bolsa gör, näçe adamyň öýüni ýykyp, bagtyny läbige oklaýar. Kimi uýatda goýup, kimi aýatdan çykarýar. Yzda, ho-ol yzda bolsa gözýaşly, bagry biryan perişde dek çagalar…

# «Pynhan syr» kitaby. Detektiw proza